# Üç tussagyň ýatlamalary-12/ romanyň dowamy

Category: Kitapcy,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Üç tussagyň ýatlamalary-12/ romanyň dowamy ATA, INDI SIZ KOWUŇ!

Işden gelip, giçki nahardan soň ýene gürrüňe başladyk. Düýnki degişmäniň ahyry gowulyk bilen gutaransoň, bu gün meniň teklibim boýunça gezegi Öwezgeldi aga berdik. Ol: «Bolar, inilerim, men size öýlenşimi gürrüň bereýin, ýöne, heserdeş, sen gürrüňimiň arasyny bölme» diýip, Annamyrat aga ýüzlendi. «Sakaldaş, ýatladanyňa sag bol, sesimi çykarmaryn».
Öwezgeldi aga arçanyp, söze başlady: «Atam gaty pukara-da däldi, daýhan adamdy, men oňa kömekleşerdim. Mal-halymyzam özümize ýeterlik bardy.
Hawa, öňem içinden gyryndy geçen bir bende: «Wah, gaýyn eneň guraplar gitsin, dünýäni çepbe çöwren şol dälmi, jan balam» diýip, zar-zar eňräpdir. Bu eňremäniň bir ujy maňa-da degişli. Dogrudan-da, bir zady ýatlamaly. «Oduň owaly uçgunlydyr» diýipdirler. Şunça gün welin, tutaşyp oda öwrülse, onuň sary dilleri seni çolap alyp, öz gujagyna bassa, gara-ört etjegi çyny. Men şu oduň gujagyndan zordan sypdym. Arada men size mollanyň gyzyna öýlenip bilmändigimi gürrüň beripdim.
Men on sekizi dolduranymda, meni öz obamdan tulparja, pitdikleseň, ýaryljak bir gyza öýlendirdiler. Bujagaz tomalajygym bilen alty aý dagy äbe-de-jüýje bolup ýaşaşdyk. Bir gün çaýdan soň atam ýanyna çagyryp: «Şu gelniň talagyny bermeseň, eneňe dil gaýtarypdyr» diýdi. Menem: «Eneme dagy dil gaýtaran bolsa, onuň talagyny juda bererin» diýip, sen ýok, men ýok, gep soraman, talagyny berip, atasy öýüne eltip gaýtdym. Soň indi wagt geçdi, warak geçdi, şol dul gezip ýörüşim.
Bir gün: «Saňa gyz tapdyk, tizden seni öýerjek» diýip, begendirdiler. Sanagly gündenem ep-esli galyň töläp, gyzy

dulumyza geçirdik. Eşidip görsem, «ýorgan-depen» diýip, barja gart-gurdumyzam galyňa gidipdir. Bu gelnim owadan, uzyn boýly, inçe billi, galam gaşly gyzlardan eken. Içimden: «Şu sapar-a, bagtyma, tüýs gözelleriň gözeli duşdy» diýip oýlandym. Munuň bilen bir ýyl dagy el-ele berip, gülşüp-oýnaşyp ýaşadyk. Günlerde bir gün atam ýanyna çagyryp: «Şu gelniň talagyny bermeseň, nahar-şor taýýarlanda ýa duzly, ýa-da duzsuz taýýarlaýar. Şu-da eneňiň göwnünden turmady» diýdi. Men atama: «Enem nahar taýýarlamagy öwretsin, ol öwrener, ony kowma:ly, maňa boljak şol gelnim» diýsem, atam çillemesi kimin kükräp, maňa azar baryny berdi.
Soň menem gaty bir üzeňňä zor salybam durmadym. Erkek kişi bolan bolup, atamyň sözüni ýykman, bu gezegem gelnimiň talagyny berip atasy öýüne eltip gaýtdym. Bu biçäre aglaý-aglaý gitdi, meniňem göwnüm poh iýen ýaly boldy.
Şeýdip ýene dul galdym, gugaryp köp gezdim. Enem pahyr maňa gelin gözläp gapyma-gapy aýlandy welin, baran ýerinden kowuldy. Oňa: «Gidiweri, ýüzüňi babaly görsün» diýenlerem bolupdyr.
Gülegenjeden maňa ne gyz, ne dul berilmejegine gözi ýeten enem daşrakdan gelin gözläp başlady. Ahyry bir gün daýzam gowy habar getirdi, «Esenmeňlide bir duluň ata-enesi bilen gepleşdim» diýip, bu habary eşidenimden begenjimden ýaňa iki bolup bilmedim. Galyňam az-owlak däl eken. Näme-de bolsa, karz-kowal alyp, soralan puly topladyk, ýene sygyrmyzy, geçilermizi satdyk. Soň täze guda boljak ýerimiz bilen duz-çörek alyşdyk, sähet belläp, toýuň gününi gepleşdik. Şeýdip meni ýene öý-işik etdiler.
Alty-ýedi aý dagy geçipdi, bir gün ýene atam ýanyna çagyrdy-da: «Oglum, şu gelniňem boljak däl, bilmändiris mundan çaga bolmaýarmyş, bize aýtman iltäpdirler. Menem, eneňem ölmänkäk agtyk-çowluk görüp ölsek, gowy boljak» diýdi. Menem içimden: «Üçden soň, puç» diýipdirler, şunam kowsam, soň maňa öý-işik bolmak miýesser bolmaz diýip oýlandym-da: «Ata, maňa şu gelnim boljak, başga gelin gerek däl, dogmasa, goý, dogmasyn» diýdim. Garaz, biz ele-el berşip ýaşaberdik. Bir gün hemsaýanyň ogly boldy. Olar toý etdiler. Şol agşam Zybagözel tukat göründi,

«Saňa näme boldy?!» diýsem, ol öňki adamsy bilen bäş ýyl ýaşandygyny, çaga bolmansoň, razylaşyp aýrylyşyşlary barada gürrüň berdi. Şonda: «Hudaý berse, çaga-da bolar» diýip, gelnim bilen ýaşaberdim. Bir gün öz tirämizden köpi gören ýaşuly: «Öwezgeldi, sen palmyna bar-da, pal garat» diýdi.
Soň günleriň birinde eşeklenip, Zybagözel ikimiz palmyn mamanyňka ugradyk. O-da: «Gara itiň ölen ýerinde» diýişleri ýaly, gaty daş ekeni. Palmyn aýna seredip: «Öň ikimiziňem aýrylyşanlygymyzy, çagatalapdygymyzy aýdyp, geljekde çagamyzyň köp boljakdygyny aýtdy. «Birinjiňizem, işşallasa, ogul bolar, perwaý etme» diýdi.
Şondan köp wagt geçmänkä atam ýanyna çagyryp: «Oglum, eneňi razy etseň, şunuň talagyny bereli, ýogsam meniň gulak etimi guk etdi, menem ölmänkäm agtyk dagam görmeli, jan oglum» diýip, aglamjyrap oturdy. Hullasy, bularyň meni öz günüme goýmajagyny aňyp, dogrusyny şaplatdym. Men: «Ata, zürýat gerek bolsa, indi enemi siz kowuň, täzeden öýleniň» diýdim. Birden atamyň ýüzi gamaşdy, dodaklary lypyrdady, bir salym dymyp durdy-da: «Aýalyň gepine gidenem aýal» diýdi-de, çykyp gitdi.
Şondan köp wagt geçmänkä gelnim göwreli boldy. Aý-güni ýetip, gyzymyz dünýä indi. Şonda enemiň nemlenen göreji begenjinden ýaňa ne gelnini, ne-de agtygyny görüpdir, ol göýä sokur kör ýaly sermenip oturypdyr. Soňky ýyllarda bolsa ýene iki oglum, iki gyzym boldy. Soň atam-enem gelnimiň talagyny bermedigime menden ökde begendiler. Men bäş ýyl baýyň işiginde hyzmat edip karzymy üzdüm. Soňky ýyllarda gurplandym, özüme sygyr, alty-ýedi sany goýun, bir arwana, eşek edindim. Bendä düşmezden öň orta hojalyk boldum».
Öwezgeldi aga gürrüňini tamamlan dessine Annamyrat aga dillendi-de, bolmajagyny taşlady. Ol: «Sakgaldaş, eger şol tulparja bilen ikiňizden önmejek önen bolsa, ol at bilen eşekden taýhar emele gelşi ýaly, bir peläket bolardy» diýdi.
Öwezgeldi aga-da: «Inijigim, hezili goýaly diýşipdik, seniň heziliňem düýe dabyrjyklan ýaly bir zat. Goý, wagty barka, ýogsa almytyňy alarsyň».
«Goýdum, sakgaldaş, ten meniňkäm özüň ýaly wagtynda atyp galmak» diýip, sojap-sojap, aglana meňzeş edip güldi. Bu gezek

Öwezgeldi aga sesini çykarman, çydamlylyk etdi. Men bolsa bular ýakalaşar diýip pikr etdim-de: «Wagtam gijikdi indi ýataly» diýdim.

GÜNORTANLYK NAHARYŇY BERÄÝ!

Şol gün dynç günüdi, bizi irden hammama alyp gitdiler. Hammamda «Solýonnyý» lakamly godalaja, gözünden, agzyndan başga ýerini çöpür basan ermeni ýigidiniň daşy köp adamlydy. Bu şorta söze ökde ýigit töweregindäkileri anekdot aýdyp, gülüşdirýärdi. Onuň ahyry matala ýazdy. Ol: «Ökjäme duşlap atan okum burnuma degdi» diýip, töweregindäki ýuwunýanlara ýüzlendi. «Hany, haýsyny aýtjak, näme?» diýdi. Kersene syrtyny sokup oturan nega-da bir söz gepleýän biri: «Ol-a osluk» Töwerekdäkiler ýene gülüşdiler. Matal bary aýdyldy, gülüşdiler. Ermeni ýigidi: «Hergiz dilgir bolmaň-da, aýdyp galyň» diýdi. Onýança: «Çykyň, gutaryň» diýen kapitanyň sesi ýaňlandy. Ýatýan jaýymyza gelensoň Annamyrat aga: «Bizem oýun oýnap ýadanymyzsoň, oturyp, matal aýdyşardyk, ýaşlyk gowy eken, ýatlasaň, ýatlap oturmaly» diýdi.
— Inijigim, gel onda, bizem ýaşlygy ýatlap, birki sany matal aýdyşaly. Ilki sen aýdaý — diýip, Annamyrat aga ýüzlendi.
— Aýtmaly bolsa, aýdaýaryn, hany onda, bil-de — diýip, Annamyrat aga
Ýere urdum paltany,
Agzy gyzyl haltany,
Ýerdem bir oglan çykdy,
Uly iliň soltany
diýip gutarmanka, Öwezgeldi aga: «Ol-a bugdaý» diýdi. «Sakgaldaş, bildiň, ýene birini aýdaýyn, şony bilseň, bir zat bererin diýip
Garry düýäm garkyp otyr,
Garyn pohun döküp otyr.
— Indi, inijigim, gürrüňi nagt edeli, bilsem, näme berjek?
— Bilseň, Krasnoýarskiniň baryny berjek.
— Ýok, ýaşlykda berilýän zatlary goýaly, men bendide beren ýurduňa eýeçilik edip bilmerin. Iň gowusy, sen maňa, bilsem,

günortanlyk naharyňy beräý!
Annamyrat aga-da:
— Bolar, bar, berdim — diýdi.
— Beren bolsaň, ol-a jyk — diýdi.
Annamyrat aga-da:
— Mysapyra myrtar ýoluksa, hemişe işiň tersinedir — diýip, jak-jaklap güldi. Soň ol:
— Indi maňa matal aýdyşaly diýme — diýip, gorsanyp ugrady.
— Menem birini aýdaýyn, bereniňi utup alaý, entek bolan iş ýok.
— Aýtsaň, aýt bakaly, utduranymy yza gaýtarmagymam ahmal, bol, aýt-da onda.
— Iki gardaş biri-birini görmez.
— Sakgaldaş, onyň-a göz.
— Boldy, inijigim, utdyranyňy yzyna aldyň.
— Ýene birini aýdaý, inijigim.
— Bolar «Bir alaja ýüpüm bar, nirä uzatsam ýetýär».
— Onyňam göz, inijigim. Hany, indi näme berjek?
— Bar, şol günortanlyk naharym seniňki.
Soň men orta goşuldym-da:
— Menem birini aýdaýyn, bilmeseň, Öwezgeldi aga, Annamyrat aganyň günortanlyk naharyny yzyna gaýtaryp berersiň — diýdim.
— Gepleşdik, aýdyber, Meret jan.
— Daşy gara, içi gyzyl.
Onuň içi örän hezil.
Öwezgeldi aga ýylgyrdy, soň bolmajak bir zady aýtdy.
Men:
— Ýok, ol däl — diýdim. Näçe kelle döwse-de, bilmedi. Ahyry bilmedigini boýun aldy, Annamyrat aga günortanlyk naharyny gaýdyp bermeli boldy. Soň ol:
— Hany, bileli, özüň aýdaý — diýdi.
— Aýtsam, hol ýatan aýakgabyň ady näme?
— Galoş.
— Onda, bilmedigiň şol orsuň galoşy.
Biz gülüşdik. Soň Annamyrat aga has gyzykdy-da — Men ýene birini aýdaýyn diýdi. Bizem:
— Aýt — diýdik. Ol:

– Sekiz aýakly sergezdan,
Depä çykyp, mal gözlär – diýdi.
– Onyň sakyrtga – diýip, menden öň Öwezgeldi aga aýtdy. Soň ol:
– Indi, inijigim, günortanlyk naharyň bilen hoşlaşmaly bolduň – diýdi.
Şol barmana zaň kakyldy. Soň biz günortan naharyna ugramakçy bolduk. Näme üçindir Annamyrat aga şol oturan ýerinde gozganman otyr. Soň men:
– Ýörüň ahyry, Annamyrat aga – diýsem, – Günortanlyk naharymy sakgaldaşa bagyş etdim. «Ýetimiň agzy aşa ýetse, burny ganar» diýenleri ýaly, bu gün meniň burnum ganady. Siz arkaýyn gidiberiň – diýdi. Öwezgeldi aga gülümsiräp onuň ýanyna bardy-da: – Ýör, inijigim, diýenlerimiň hemmesi hezil, sen gitmeseň, bizem gitmeris – diýenden soň, Annamyrat aga ýerinden galdy. Biz tirkeşip naharlanmaga gitdik. Nahardan gelensoň ýene matal aýdyşdyk.

## DERWÜŞLER

1336-1337-nji hijri ýylynyň ortalarynda (1918-nji milady ýyly) Buhara söwda giden söwdägärleriň, medresede okaýan talyplaryň Buharany taşlap gaýdanlary köp boldy. Dolanyp gelenler:
«Täze Buharada (Kagan) hamal aýynda hudaýsyzlara goşulan ýaşlar, belşewikleriň goldaw bermegine emire garşy ýaragly gozgalaň turuzypdyrlar, ýöne ony Seýit Alym han çaltlyk bilen ýatyrdy» diýip gürrüň ýaýratdylar. Emiriň buýrugy bilen müňden köp adamy dara çekendikleri, bir toparynyň gaçyp gutulandygy barada hyşy-wyşy gürrüňi köpeltdi. Soň eşidip görsek, şol gan dökülen ýerde çaga-çugasyny taşlap gaçanlar köpelipdir. «Ol ýerde it eýesini, pişik bikesini tanamaýarmyş, gaty bulam-bujarlykmyş» diýip gürrüň etdiler. Soňa baka: «Ors gaçypdyr, almytyny alan bolsa, allanäme, ten emir oňarypdyr hudaýsyzlary kowanyny» diýip, il içinde ullakan gep boldy.
Wagt-warak geçdi, soň ýene ümsümlik boldy, men ýene söwdamy dowam etdim. Kerwenler kadaly gatnap başlady, ýol-yzam hijirimlik boldy. Şol sapar men Owganystana bagana alyp

gitdim. Söwdam küşat boldy. Baganalarymy lükge satdym, pulunada çaý, reňk, teletin, ýüpek mata aldym. Kerwenem iki kişilik, on iki düýeden ybaratdy, şonuň iki düýe ýüki meniňki, galanlary samarkantly Ökdem baý diýen söwdegäriňkidi.
Antguýudan çykanda işimiz tersine boldy. Bir görseň, pajymanlar almaly däl pajyny aljak bolup dur, bir görsek, düýeçiniň aýagy agsap, onuň ýüküni beýleki düýelere paýlamaly boldy. Ilkinji güni işler düzüw bolmady diýsek, agyr ýükden ejir çeken ner çöküp ýatyr.
Garaz, barjak ýerimize ýetmän düşlemeli boldy. Şondan soň ýol önmedi, eset (iýul) aýy bolansoň, howa bijaý yssydy. Az ýöräp, köp ýöräp, Ymamnazara geldik, biraz dynç alyp, Kerkä tarap ýola düşdük. «Gymyldan, gyr aşar» diýseler-de, hiç ýol önmedi, şol gidip otyrys. Suwumyz azaldy, kerwenbaşy aljyrap ugrady, «Soltan sardoba çenli bu ýol geçişimiz bilen dogry bir salkyn ýol ýöremeli» diýip başlady.
Suwuň azalmasy, kerweniň haýal ýöremesi diýsek, turdy bir epgek (yssy tapbat ýol) agyz burnuňy ýalap, ýüzüňi gara-ört etdi. Soň-a kerwenbaşy kelebiň ujuny ýitirdi.
Garagumuň beýikli-pesli depelerini öz gujagyna alan epgek, agyr ýükli kerweniň öňe omzamagyna päsgel berdi. Epgekden ýaňa gara-ört bolan kerwenbaşy ýarylyp, ganjaran dodaklaryny telim bir ýalady.
Ol surnugan düýeleriň, atlaryň, eşekleriň mundan aňry dynç bermeseň, Soltan sardoba aşmajagyna göz ýetirdi. Ol: «Adamlar, Aýaz han çarygyňa bakarak» diýipdirler, hetdi barka, özümizede, bu janawrlara-da dynç bermeli, ýogsa, uzaga gitmeris» diýdi. Biz ylalaşdyk. Soň ol ýükleri ýazdyryp, düýelere dynç berer ýaly amatly ýer gözledi. Çukur oý tapdy, şol ýerde düýeleri çökerip, ýükleri ýazdyrdyk, ot ýakyp, çaýjoşlary suwdan dolduryp, oda basdyk. Çaý gaýnaýança kerwenbaşy bizi maslahata çagyrdy. Ol sardoba çenli suwuň ýetmejekdigi, suw tükense, juda erbet boljakdygy hakynda bize mälim etdi. Nätmeli diýen soraga Ökdem baý: «Nätmekden Hudaý saklasyn, biz dört atly bolup, meşikleri alaly-da, sardoba baraly, meşikleri suwdan dolduryp, yza gaýdaly, sizem gijeläp, öňe hereket ediň, ýöne ýoldan çykmaň, azaşmaly däl» diýdi. Kerwenbaşy:

«Garaňkyda ýöreme, büdrärsiň!» diýseler-de, saglyk bolsa, büdremän barjak bolaryn, men bu ýollary az geçmedim» diýdi. Şondan soň biz gasyr-gusur bir käse çaý içip, dört bolup ýola ugradyk. Kerwen bolsa gije ýöremeli boldy.
Tozandan, çägeden ýaňa ýol yzarlamagam aňsat däldi. Biz ýagty gözin sardoba bardyk, meşikleri suwdan dolduryp, gyssagly yza ugradyk. Gelen yzymyzy ýel bozmanka atlarymyzy säpjedip, daň saz berende kerweniň öňünden çykdyk.
Her düýä bir okara, eşeklere iki okara, atlara-da şonça suw berdik. Şondan soň düýeler, atlar kadaly ýöredi. Syryljap duran eşeklerem ädimini çaltlandyrdy. Günorta bolanda sardoba aşdyk, düýeleri çökerdik, ýükleri ýazdyrdyk, janawarlaryň hemmesine suw berdik. Kerwenbaşy öz kömekçilerine: «Düýelere künjara logalasyny beriň-de, duşaklap, ota goýberiň» diýdi. Soň biz çaý içdik, garbandyk. Çaý başynda kerwenbaşy sardobalary guran akylly baýlar barada gyzykly gürrüň berdi. Ol: «Öňden paýhas bilen aýdylan atalar sözi bar, şonda «Müň metjitden bir geçit (köpri), müň geçitden bir itjit (guýy)» diýipdirler. Şol diýlene eýersek, şu sardobanyň tutýan orny diýseň uludyr». Biz aýdylany makulladyk. «Sardobalar näçe müň adamyň, mal-halyň suwsuz ölmezligine sebäp bolandyr, sardobalary guranlara şöhrat, olaryň at-owazasy mydama ýatlansyn» diýip derini ýaglygy bilen syldy. (Orta asyryň soňunda Buhara emiri Abdylla han Gyzylgumda hem Garagumda köp sardoba gurdurypdyr).
Soň duza omyn edip, sardobalary guran adamlaryň ruhuna aýat okap, olaryň ruhuna bagyş etdik. Şonda Ökdem aga: «Sardoba pars sözi bolup, sardabe-sard-sowuk, ab-suw diýmekdir» diýdi. «Diýmek, sardobalaryň suwy niçem bir ýüz ýyllar geçse-de, siňmez, çünki onuň aşagyna çerimgeriň öküz, düýe hamyndan bişiren sary teletini ýazylan bolmaly, olaryň birnäçe gat bolmagy-da ahmal» diýip, köpi gören Ökdem aga gürrüň berdi.
Çaý-nahardan soň, biz täret kylyp, ikindi hem kaza eden namazymyzy okadyk. Soň ýadawlyk basmarlap, bir salym ýer diňledik. Lak-tak ýatan bendeler ýer sarsdyryp hor çekdi. Ukudan oýansak, Günem eňegini ýere diräp barýar. Biz gyssanyşyp, derrew düýeleri getirip, ýük urmaga durduk.

Edil şol wagtam gaýra tarapdan ýedi sany derwüş oýa indi. Olar: «Ýa, Hallak (eý, Taňrym), Ýa, Hallakul alim (eý hemme zady bilýän Gudrat), Laýlha illalla ýa-hu, ýa, Hak» diýip el bulap, sardoba bakan indiler. Derwüşler: «Lýa-el-lýai, ellýa Alla (Alladan başga Hudaý ýok)» diýip, telim gaýtaladylar.
Olar hasasyna söýenip, biziň bilen Taňry salamyny alyşdylar. Bilindäki kemeri çözüp, oňa berkidilen lowurdap duran kiçijik kündügini göterip, sardobaba tarap gönükdiler. Olar täret kylmaga başladylar, çünki şam namazynyňam wagty ýetip gelipdi. «Namaşam işi haram» diýenleri ýaly, kerwenbaşynyň bir kömekçisi ýük uranda toýnugy gowşak berkidipdir. Düýe turanda ýüki syrylyp, ýere düşdi. Ony täzeden daňdyk-da, bizem namazlyklarymyzy ýazyp, namaz okadyk. Şondan soň gowy garaňky aralaşanda ýola ugradyk.
Uzyn gije ýöredik, gün guşluk bolanda uly şora bardyk, ýükleri ýazdyrdyk, düýeleri, atlary, eşekleri duşap, otlamaga goýberdik. Çaýlaşmaga oturduk, çaý başynda gürrüň ýene-de derwüşler barada boldy. Sebäbi men Ökdem baýdan: «Olaryň sallam-sajak bolşup, suwsuz çölde bu tapbatda sürlenişip ýörüşleri nämekä?» diýip soradym. Ol kişi derwüşler barada aşakdakylary aýdyp berdi: «Derwüşleriň esasy taglymatlarynyň biri-de dünýäniň eşretinden özüni binesip etmek. Diňe Hudaýa sygynmak, iýmek-içmek, ekmek-tikmek, geýinmek ýaly aladasy bolmaýar. Esasy aladasy Hakyň ýolunda bolmak. Bularda öý-öwzar, mal-emläk ýok. Olar Hudaýa sygynmagy ýüregine melhem ýaly görýär. Derwüşler ýönekeý danalar däl, olar haýsy-da bolsa, bir sebäbe görä dünýä malyny terk edip, derwüş lybasyny geýen adamlar, olar ylymly-bilimli, köp zatdan baş çykarmagy başarýanlar. Olar Allanyň ýeketäkdigine ynanýarlar gorky-ürküden çetde durýarlar, her bir zada ynamly seredýärler, adama zyýan bermeýärler. Bet işlerden gaça durup, dogruçyl bolýarlar. Läkin sapara gidende köpçülik bolup gidýärler, mydama özüne gerek bolan gurallaryny özi bilen bile göterýärler. Syýahat etmegi gowy görýärler, märekäniň içine sokulyp girmän, çetde oturýarlar. Düşegi nirede ýazyp berseň, şol ýerde oturýarlar. Ýazyp beren düşegiňi başga ýere süýşürmez, oturmak üçin ygtyýar soraýarlar. Baran ýerinde

çommalyp oturýarlar, oturanda hiç zada söýenmeýärler, içeri girende, köwşüni çep aýagyndan çykarýarlar, soňra sagyny çykarýarlar. Läkin, aýakgabyny geýende sagyny öň, çepini soň geýýärler. Säher salamyna turmaýarlar. Syýahata çykanda özi bilen hasasyny, sadaka okarasyny, täret edýän kündügini, namazlygyny, ýelpewajyny, daragyny, iňňe-sapagyny, dyrnak alýan syndysyny özi bilen göterýärler. Bu gurallaryň birnäçesini kiçeňräk suw kädisinde saklap, kädini bilindäki kemerden asýarlar. Olar uzyn topby geýýärler, egin-eşigini özleri ýamaýarlar hem ýuwýarlar, läkin, geýimini arassa saklamagy başarýarlar, ýöne eşikleri salam-sajak bolýar.
Derwüşler zikir (arapça ýatlama diýmek) kakanda, Allany ýatlap, ony wasp edip, gazal okap, saz çalyp, tä özlerinden gidýänçä dürli hereketleri ýerine ýetirip, porhan bolýarlar.
Buharada öň zamanlarda Faýzabat hanakasy (derwüşhana) bolup, onda özleriniň hüjresi, metjidi, zikirçekme otaglary bolupdyr. Olar şu günüň aladasyny edip, erte-de Alla ýeti:r diýýärler, umuman, erteki gün barada pikir etmeýärler. Aç öze bolsalar-da, käýinmezler, ony hiç kimden görmezler. Kä halatda gapyma-gapy aýlanyp, sadaka bermeklerini soraýarlar. Olar pire ýa-da şyha uýýarlar, paý-pyýada Mekgä haja gidýärler» diýip Ökdem baý gürrüňini tamamlady.
Biz sag-aman Kerkä ýetdik. Ökdem aga ýüklerini gaýyk bilen gaýra gyra geçirip, otly bilen alyp gitmegi maslahat berdi. Soň ol ýüklerini gaýra geçirdi, kerwenbaşy bilen hasaplaşdy. Men bolsa Çekirde atamyň dosty Akmyrat baýyňkyda düşläp, ýükümi Pelwerde aşyrar ýaly ulag gözledim. Bazara barsam, Akderiden Kerkä sazak kömrüni getiren odunçular bar eken, şolar bilen ylalaşyp, ýükümi öýe aşyrdym. Bu saparky söwdanyň ugry bolmady, sebäbi göçhä-göçlük bar adamy öz bagryna basypdy. Getiren harytlarymy ýarpy-ýala ýoklap, Owganystana göç gatnadyp başladym. Şondan soň söwdany ymykly goýdum. Ýurdam ýene bulaşyp başlady, kerwen talaýan alamanlar aýaga galyp, talap başladylar».

## GARAJYKLARYŇ HELÄK BOLMAGY

«Meret, sen baýak Wepa diýen enesiniň emjegini kesen ganojak barada gürrüň berdiň, onuň ahyry näme bilen gutardy» diýip, Annamyrat aga maňa ýüzlendi. Şonda men «päl azman, başa bela gelmez» diýen nakyly ýatladyp, Wepa barada gören-eşidenlerimi gürrüň berdim:

«Depesinden dabanyna çenli zäher bilen eýlenen Wepa bu saparam bir topar bendäni tora salyp, olary suwsuzlykdan öldüripdir. Çölde suwsuzlykdan jan beren Garajyklar baý adamlardy». Olar köplükdi, biri atly demir ussasy, ikinjisi agaç ussasy, üçünjisi zergär, dördünjisi köwüş, ädik tikse, galan ikisi daýhandy, soňky ikisi bolsa çarwaçylyk bilen meşguldy. Olaryň çölde «Garajaguýy» diýen guýusy bardy. Şol guýuda iki süri goýunlary-da bardy. Işiginde hakyna tutulan haly-kilim dokaýanlar, ýerine-suwuna seredýän daýhanlary hem çopanlary bardy.

Uly hojalykdygyna garamazdan, barysy bir çarhgazanda bişirilen nahardan iýip, günde üç tamdyr nan ýapýan ekenler. Il arasynda «Garajyklaryň nahara oturan wagty olary barsaň, toýa baran ýaly bolýarsyň. Olar hatara bir saçagyň başynda oturyp, çaý-çörek iýýärler» diýip gürrüň edýärler.

Ana, şol uly hojalygy imansyz Wepa suwsuzlykdan gyrypdyr. Garajyklar çöldäki goýunlaryny, sygyrdyr düýelerini göçmezden öň Owganystanyň Şybyrgan welaýatynyň Şoraryk diýen gyşlagyndan düýeli ýörände iki salkyn ýol aralygyndaky ýerde guýy gazyp, şol ýere elten ekenler. «Mallary sag-aman barmaly ýerine aşyrdyk, bizden hatyrjem boluň, öz gyssagyňyz özüňizde bolsun, Şorarykda on ýarym jaribe (Bir jaribe-0,46 gektar) ýer taýýar» diýip habar gelensoň, olar göçmäge taýýarlanypdyrlar.

Şol wagtlar gazanyny bokurdakdan, tirýekden, arakdan geçirýän Wepa gotur gijeler ýatman, aňsat gazanç gözläp, ikibaka çyrpynypdyr. Ite bir süňk bergem edipdir. Gije ýatman, tirýek çekip, öýüne baranda enesi: «Oglum, seni ýa gün urupdyr, ýa-da gaýzygypsyň, ýüzüň-gözüň gök-dalak, emlemeseň, seni heläk eder» diýipdir. Şonda Wepa: «Bu keseliň emini özüm bilýorun, ene» diýipdir. Içinden bolsa: «Wah, bu keseliň emi pul-a» diýenmiş. Ertesi turanda pyşga goýun ýaly sümügi sallanyp, gözleri ümezläp durmuş. Ol öýünden hiç zat iýmän, ýene karzyna

tirýek çekmäge Babanazar pyrkanyňka baka eňipdir. Barsa, pyrkanyň 99-njysy diýip at alan Babanazar entek ýatyrmyş. Gapyny açyp, pyrkany turuzjak bolsa, ol: «Näme alakjap ýörsüň, bergiňi haçan berjek? Ýene hiç närse getiren dälsiň, öýüň köýsün, mütrük bolup ýapyşdyň, owarra bol!» diýipdir.
Bady gaýdan Wepa sümügini sallap, öýüne tarap ýöräpdir. Ol burnuna salyp, hüňürdäpdir, paýyş sözler bilen Babanazara sögüpdir. Barsa, öýünde enesi bilen Gülegenjäniň baýlarynyň biri – Garajyklaryň demir ussasy Mustapa aga gürrüňleşip otyrmyş. Salam berip içeri girenden Wepanyň içi byjyklapdyr, «Hernä oňluga bolaýadyr» diýip, dodaklaryny ýalap, tamşanypdyr. Bir salym oturyp, saglyk-aman soraşansoň Mustapa aga özüniň Owgana göçjekdini mälim edýär. Ol: «Hyzmat görmeseň, biziň göçümizi aşyryp berseň» diýip haýyş edipdir. Wepa-da geregi şol, sähel pula göçi eltip gaýtmaga razy bolupdyr. «Maňa aýagulag berersiňiz, atym gatyrmadan öldi» diýip, ýalan sözläpdir. Hakykatda bolsa, atyny satypdyr, ony tirýekden, arakdan geçiripdir.
Boljak işleri ýekän-ýekän ara alyp maslahatlaşansoň, Mustapa aga öýüne gaýdypdyr. Olar göçmäge taýýarlyk görýän mahaly bir dana Mustapa «Şol bedasyldan ägä bol, ol asyl mugyra geljek däl, neşä özüni aldyraly bäri her hili pyssy-pyjurlykdan gaýtjak däl» diýipdir. Onda Mustapa aga: «Biz köplük, göz-gulak bolarys, nätjek, başga belet tapmadyk, göç daşaýanlaryň özleri birmahal göçdi. Biz azrak gijä galdyk, geçen ýazda göçen bolsak, serhet sakçylary ýok diýen ýalydy. Belet bolmasaň, ele iljegiň ikuçsuz» diýipdir.
Babanazar pyrka Wepa gaýdansoň ogluny Wepanyňka ýollapdyr. «Sen ondan bergisini berjek bilen bermejegini bil, bermese, galamasy meniň bilen, onuň jany meniň kisämde, pilmahmydam bolsa, boýnuny towlaryn» diýipdir. Ogly baryp, atasynyň sargydyny aýtsa, Wepa: «Bir hepde garaşsyn, soň mende pul-teňňe haş-haşyň samany ýaly köp boljak» diýip, oglany yzyna iberipdir. Garajyklar seretanyň (iýun) ortalarynda ýola ugradypdyr. Wepa, megerem, ýola ugramazdan öňürti Garajyklara tilsim gurup, zadyna eýe bolmagy gurum kimin ýüreginiň bir burçuna düwen bolmaly. Sebäbi ýola ugrandan: «Çiştopbulardan

sowa geçmeli» diýen takal okap, günorta tarapa ýöräpdir. Daňdan çykan kerwen şamara Itaklynyň çekene çopanynyň goşunda ýük ýazdyrypdyr. Gije şol guýuda ýatypdyrlar. Wagt-warak geçensoň, çekene çopanyň gürrüňine görä, hemme zat gülala-güllükmiş. Düýe, at, eşekdir hemmesini şol guýudan suwa ýakyp gidenmişler. «Olar suwdan kemçilik çekmeli däl, sebäbi iki düýäniň ýüki suw eken» diýip, çopan gürrüň berenmiş. Kerwen şol gidişine gündogara tarap ýöremäge derek, dogry günorta tutdurypdyr. Bahanasy bolsa serhet sakçylarynda sowa geçmek bolupdyr. Şol gidişine günortan Saltyk diýen guýuda ýük ýazdyrypdyrlar. Şondan soň Wepa: «Diňe gije ýöräris, sebäbi bu ýerler ýazgyn, çiştopbylar dürbi bilen seredip, uzakdan görýärler» diýipdir. Garaňky düşýänçä şu guýuda dynç alypdyrlar.
Saltyk diýen guýyny şol wagtlar täze guralan bir kolhoza beren ekenler. Öň ol Etbaşyň gyjakçy urugyndan bolan Döwlet baýyň guýusy eken. Häzir ol guýuda iki sany guýy sakçysy ertirde-agşamda süriniň gelerine garaşyp, guýuny arassalap, çarhy gurap, gowany guýa sallap, häzir bolup duranmyşlar. Guýynyň suwy mallarda-da, adamlara-da ýaramly bolupdyr. Düýeleri, atlary, eşekleri suwa ýakyp, boşan meşikleri suwdan dolduryp, garaňky aralaşanda kerwen ýola ugrapdyr.
Wepa çemini tapyp, suwly meşikleriň baryny temen bilen deşipdir. Uzyn gije meşiklerden suw syzypdyr. Meşikleriň köpüsi boşapdyr. Käbirinde az-küş suw galan bolsa-da, uly maşgala ýarym sergin içerine ýetjek dälmiş.
Ertesi Gün çäş galanda düşleseler, meşikler boşmyş. Wepa eden emeliniň başa barandygyna hoş bolupdyr. Ol bihaýalyk edip, gygyrypdyr: «Bu işi şol betnyşanlar — guýy sakçylary edendir. Olar şuranyň, enkebedäniň adamlary, biziň yzymyzdan kowgy gelmese ýagşydyr» diýip gykylyklapdyr. Ol emedekläp depä çykypdyr, töwerege seredipdir-de, özüçe bir zatlar samyrdapdyr. Soň ol: «Siz şu taýda garaşyň, hiç ýere butnamaň, çiştopbulardan ägä boluň. Maňa kömekçi berseňiz şu taýdan ýarym salkynlyk ýolda kak bar, şondan iki-üç gün içer ýaly suw getireýin» diýipdir. Mustapa aga oňa öz ýetimi Amany kömekçi beripdir. Wepa boşan, deşilmedik meşiklerden bäş-altysyny, bir

düýe, iki eşegi alaga-da, Aman bilen suw getirmäge gidipdir. Olaryň gidişi-gidiş bolupdyr, bu bendeler diklem suwa garaşyp, haldan gaçyp başlapdyrlar.
Mustapa aga rejäniň geň däldigini aňypdyr, ol: «Ýa, päk-ä-Perwerdigär-ä, özüň golda!» diýip, içinden Hudaýa ýalbarypdyr. «Gel, betgüman bolmaýyn, ol gowy däl, belki, olar azaşandyr, öz-ä tizden gara bermeli, ýarym sergin diýipdi ahyry» diýip, içini gepledipdir. «Gaty töwekgelem bolsaň, ner getirmän, maýa getirjek ýaly» diýip, halk nakylyny ýatlapdyr.
Tapbadam güýçlenipdir, suwsuzlyk ýuwaş-ýuwaşdan bu maşgalanyň ähli toplumyny öz gujagyna alypdyr. Olary «Suw-suw» diýip iňrenmäge mejbur edipdir.
Gaýtmanka ýaşulynyň «Şol pedernäletden habardar bol, seresaplygy elden berme» diýip, eden sargydy ýadyna düşüp, kellesini yralapdyr. «Gidişi-gidiş boldy, öz-ä düşegi ýumşady, hem-ä eýgilik bolawersin» diýip oýlanypdyr. Wagt geçdigiçe ýüregine gulgula düşen Mustapa aga bir oturyp, bir turupdyr. Serhet sakçylaryndan heder eden ýolagçylaryň üçünji gün dilleri çişipdir. Olar «Suw» diýmäge-de ýaramandyr. Entegem Wepanyň gelerine garaşypdyrlar. Mustapa aganyň buýrugy bilen çeşme gazypdyrlar, näçe gazsalar-da, suw çykmandyr. Soň bular haldan düşüp, hersi bir ýerde ýatypdyr.
Aýallar, erkekler, çagalar suwsuzlykdan jan berensoň çişip başlapdyrlar.
Sazaga, çerkeze daňylan atlar, eşekler şol ýerde jan beripdir. Diňe on ýedi sany düýe ölmän galanmyş, olaram tapdan düşenmiş. Atlary, eşekleri möjekler parçalapdyr. Ölenler gübser ýaly çişipdir, ys-kokdan ýaňa ýanyna barar ýaly bolmandyr.
Öňden aýdylmadyk nakyl ýok. Atalar: «Bir gor biter, bir gor ýiter» diýipdirler. Görşümiz ýaly, Garajyklaryň uly maşgalasy ýitdi. Ölenleri Lummanyň sakawlar tiresinden bir baýyň, Mergen togsabaýyň iki sürüsini Owganystana sürüp barýan çopanlar depin edipdir. Çopanlaryň duş gelşiniň sebäbi olaryň itleri şol tarapa garap üýrüpdir. Baş çopan bir seretse, ilerki depäniň töwereginde maslykçy guşlar uçuşyp ýörmüş. Çopan şol ýerde maslygyň bardygyna göz ýetiripdir. Ol: «Şol ýerde-hä ölen goýun, at, eşek bolmaly, hany göreli, näme bar» diýipdir.

Belet bilen çopan öňde, eýleki çopanlar, düýeler, a beýlekiler yzda, baryp görseler, bir topar çişip, porsan adamlar ýatyrmyş. Çopanlar agyz-burnuny ýaglygy bilen sarap, ölenleri depin edipdirler. Olar enesiniň emjegini agzyndan aýyrmadyk bäş-alty aýlyk gyzjagazy halas edipdirler. Çopanlar gyzjagazy geçi süýdi bilen ekläp, Owgana çenli alyp gidenmişler. Soň ony baş çopana beripdirler. Ölmän galan düýeleri suwlap, öz başyna kowupdyrlar. Belediň maslahatyna görä, bular: «Ölenleriň sebäbini bizden görmekleri mümkin, düýeleri tanasalar, biz günäkär bolarys, şonuň üçin, goý, olar öz mekanyny tapsyn» diýip, boş kowupdyrlar. Bular ölenleriň kimdigini, niredendigini bilmändirler, emma näçe erkek, näçe aýal, näçe çaga bardygyny anyklapdyrlar. Olar şu göçde demir ussasynyň, agaç ussasynyň, dokma gurallarynyň bardygyn görüpdirler.
Bular ölenleriň zadyna el degirmändirler. Bir görseler, gaty guýruklar bir çuwalyň düýbüni deşip, haýda-hasyr öz aralarynda bölüşip bilmän, jakda-jak bolşup durmuş. Çopanlaryň biri baryp görse, çuwaldaky kakadylan ýagly külçemiş. Soň olar maslahatlaşyp, çörekleri gaty guýruklara bermäli diýip, alypdyrlar. Olar: «Goý, çörekler ölenleriň üç, ýedi, kyrk sadakasy bolsun» diýip, aýat okap, goýunlaryny sürüp gidenmişler.
Betbagtçylyga uçran bendeleriň çişip ýatyşyny göreniňde «Beladan-beterden, howpdan-hatardan, Alla jan, özüň saklarsyň-da» diýip, Biribara ýalbardym» diýip, çopan soňraklar gürrüň beripdir».
Öwezgeldi aga meniň gürrüňimi ortasyndan böldi-de: «Hany, suwa giden Wepa bilen onuň ýetimi näme üçin suw getirmediler?» diýip sorady.
Maňa derek Annamyrat aga: «Ýa, sakgaldaş, aldyň belanyň sapyny, hi meşikleri deşen, bet işe baý, haýyr işe geda Wepa diýeniň suw getirermi» diýdi.
«Wepa diýen haramsiýdik öňden olary suwsuz öldürmegi ýüregine düwensoň, hupdana çenli ýöräp, indi Amandan dynmagy maksat edinipdir. Oňa iki owurt beripdir-de: «Sen şu taýda otur, biz azaşdyk, kak, megerem, yzda galdy, men ony tapmasam, biz suwsuz öleris» diýipdir. «Sen hereket etme, şonda suwsamarsyň.

Sowuk çägä bagryňy berip ýat. Eşegiňi berk daň, boşanmasyn» diýip, düýäni idip, gidenmiş. Wepanyň gideni-giden bolupdyr, ol dolanmandyr. «Dokuň açdan ne gamy bar?!» diýişleri ýaly, ol suwsuzlykdan öljekler barada gam etmändir. Özünde bolsa, içer ýaly suwy bolupdyr. Ol düýesini idip, kak däl-de, belet sardobasyna tarap ýöräpdir.
Ikinji güni gijäniň bir wagty serhet sakçylaryndan gorka-gorka, kynlyk bilen sardobadan iki meşik suw alypdyr. Soň ol gyssanman, Garajyklaryň galan ýerine tarap gönügipdir, barsa, ümsümlik, hiç hili iňňildi ýokmyş. Düýelerden özge janly jandar galmandyr, barysy ölüpdir. Ol ölenleriň kiselerini, aýallaryň bukjalaryny körsäpdir. Talap şaý-seplerini, teňňedir tyllalary ýygnapdyr-da, halta salypdyrlar. Zenan köýnekdir donlaryny, matalary, esgileri, erkek donlaryny, ädikdir köwüşleri ýygnap, çuwala salypdyr. Onuň oýlan oýny ugruna bolmandyr, ol, ömri ötýänçä sowjak teňňe-tyllasy Garajyklarda bar diýip, pikir eden ekeni.
Ol deme gelen ýaly, agzyny tamşandyryp: «Mümkin däl, bular baý ahyry, hökman altyn-kümüş bolmaly bularda» diýip, ýorganlary, ýassyklary pyçagy bilen kesip, olary barlapdyr. Näçe agtarsa-da, awy ganmandyr. Soň ol bar tapan-tupan zatlaryny düýä ýükläp, yzyna gaýdypdyr. Ölmän galan düýeleri boşatmandyr, «Goý, olar-da ölsün» diýipdir, çünki ol düýeleri äkitse, ölenleriň sebäbini Wepadan görjekmişler. Wepa edilmeli we edilmeli däl işler hakynda kelle döwüp oýlanypdyr. Ýedi çarşenbäni başdan geçiren Wepa her ädimini ädende oýlanyp ädipdir.
Oglan Wepanyň goýup giden ýerinde sazagyň saýasynda bagryny çägä berip ýatypdyr. Az wagtdan soň ýadan oglan ymyzganypdyr. Gijäniň bir wagty eşegi hynçgyryp, burnuny parladyp, bolubilenini bolupdyr.
Aman guran dodaklaryny ýalap, ýerinden tursa, on ädim gapdalda köz ýaly gyzaryp duran alty sany göz barmyş. Aman olaryň möjekdigini aňypdyr. Ol birwagtlar möjekler otdan, gykylykdan, takyrdydan gorkýar diýip eşiden ekeni. Töweregini sermäp, eline ilen selindir çöp-çalamy otlapdyr.
Oduň ýagtysyna gapdaldaky sazakdan, çaly-çerkezden döwüp alan

odunlaryny oda basypdyr. Sazakdan, çerkezden ýanman galan kesindileri möjeklere tarap atypdyr Möjekler yza çekilipdir, eşek janawaram birneme rahatlanypdyr. Möjekler daň saz berýänçä birnäçe ýola hüjüm edipdir. Ahyry daň ýagtylanda olar zym-zyýat bolupdyrlar.
– Inijigim, bir dur, oglan näme bilen ot otlapdyr?
– Aman kerwen ýola ugrandan çaý gaýnadypdyr, ol goş ýazdyrylan ýerde odun ýygyp, çaý gaýnadypdyr. Kisesinde elmydama kükürt bolupdyr.
Suwsuzlygy ýatdan çykaran Aman durşy bilen sandyrap duran eşegi çözüp, münüpdir. «Hyh, janawar!» diýip, eşegiň bykynyna depipdir. Eşegem suwsuzlykdan hem gorkudan ýaňa haly gaçansoň, ent-ment edip, çaýkanyp ýöräpdir. Daňdanyň sowuk şemaly suwsuzlygy ýada salmasa-da, Gün naýza boýy galandan kepän dodaklar ýene «Suw-suw» diýip gymyldapdyr. Eşek janawaram ädimini zordan ädip, nirä barýandygyny aňman, alaka kürüm görse, aýlanyp geçipdir. Ahyry depä çykan wagty gurby çatman, şol ýerde ýykylypdyr. Aman ony turuzjak bolsa, eşek soň galmandyr. Aman saňsar bolup, şol ýerde ep-esli oturypdyr. Bir wagt gözüni açsa, eýýäm gün iki tel bolanmyş. Ol emedekläp sazagyň düýbüne barypdyr, çägäni köwüp, bagryny çägä berip ýatypdyr, özünden gidipdir.
Özüne gelip, gözüni açsa, onuň agzyna suw damdyryp oturan birini görüpdir. Ol: «Wepa aga, geldiňizmi» diýip, dodaklaryny müňküldedipdir, ýöne ondan ses çykmandyr. Sebäbi Amanyň dili çişipdir, geplände passyksy gepläpdir, onuň diýenine suw damdyrýan adam düşünmändir. Aman özüni ölümden halas eden adamyň kimdigini geplemäge ýarandan soň bilipdir.
Amanyň agzyna suw damdyran çopanlar Garanyň çekiç urugynyň Kelek tiresinden Bekdurdy baýyň iki bölek goýnuny sürüp, Owganystana barýan çopanlar ekeni. Baş çopanyň gürrüň bermegine görä, daňdanlar süriniň birine möjek darap, itleriň üýrýän sesine çopanlar tursalar, eýýäm olar süriniň bir bölegini öňüne salyp, kowalap gidenmiş. Çopanlar üç itiň aşagyna düşen bu möjegiň kellesine erik agajynda bolan on dört tutam tommakly taýak bilen urupdyrlar. Möjegiň kellesi çym-pytrak bolupdyr. Olar goýunlaryny tükelläp görseler, ep-esli

goýun ýokmuş. Daň atansoň yz çalyp görseler, birnäçesini alkymlapdyr, birnäçesiniň guýrugyny goparypdyr. Iýenini iýipdir, iýmedigini gömüpdir. Möjekler ýigrimiden gowrak goýny haraplapdyr. Çopanlar entek jany çykmadyk, endamy sowamadyk, içi silkilen goýunlary depmehalal edip, gije ýatan ýerlerine getiripdirler. Olar etleri ýuwup-ardyp, gowrupdyrlar. Möjek bilen dalaşan itlere guýruk beripdirler, çünki möjegi dişlän itiň dişine zeper ýetýärmiş. Guýruk bolsa dişiň düýbündäki zäheri aýyrýarmyş.
Çopanlar çaý-çöregini iýip, düýelere goş-partalyny ýükläp, ýola düşüpdirler. Belediň aýtmagyna görä, ýarym salkyn ýolda goýunlary suwa ýakar ýaly guýy bar bolmaly. Şoňa wagtynda ýetmek üçin haýdaşyp barýan wagtlary baş çopan seretse, öňlerindäki depeden aňyrda garaguşlar çarh urşup, aýlanyşyp uçýarmyş. Çopan möjekler sürüden aýyryp alan goýunlarynyň birnäçesini şu ýere getirendir, indi olary bürgütler paýlaşýandyr diýip pikir edipdir.
Ol kömekçilerine goýunlary şol tarapa sürmegi tabşyrypdyr. Özi eşegini haýdap, ýyrtyjylaryň aýlanýan tarapyna gidipdir, garaguşlara maslyk bolsa, başga zat gerek dälmiş. Gözi ýiti bu ýyrtyjy guşlar iki müň gulaç ýokardan öz awuny görmäge ukyplymyş. Çopan gapdaldaky depä çykyp seretse, ýapynyň eňňidinde ýatan maslygyň daşy loňkuldaşyp ýören maslykçylardan dolumyş. Eýýäm maslygyň süňki bilen yňňyrçakdan (gaňňadan) başga zat ýokmuş Çopan görse, yňňyrçak (gaňňa) çaşyp ýatyrmyş. Soň ol maslygyň eşekdigini çak edipdir.
Çopan ýyrtyjylardan atiýaç edipdir-de, ökde ýakynyna barmandyr, daşyndan aýlanypdyr. Eşekden başga maslyk görmänsoň: «Janym, bu eşek kimiňkikä, öz-ä täzeje ölüpdir» diýip, pikir derýasyna gark bolupdyr. Seretse, garaguşlara ýakyn ýerde-sazagyň düýbünde bir ak zat gözüne kaklyşypyr. Şol arada goýunlar-da ýakyn gelipdir. Itleriň üýrýän sesine maslykçylar uçmaga mejbur bolupdyr.
Çopan ýuwaşlyk bilen ýatana ýakynlaşsa, ölümi, dirimi, bir adam ýatyrmyş. Çopan ýatanyň damaryny tutup görse, damary ýuwaşjadan tirsildäp urýarmyş. Çopan: «Enteg-ä ölmändir» diýip, horjunyndan mytarasyny çykarypdyr, guşagyny çözüpdir-

de, onuň bir burçuny ölläp, ýatanyň ýüzüne çalypdyr. Soň ýuwaşjadan agzyna suw damdyrypdyr. Bir damja suw bokurdagyny ölländen oglan özüne gelipdir. Soň oňa käseden iki owurt suw içiripdir, ýuwaş-ýuwaşdan suw berse, oglan diklenipdir. Ol «Suw-suw» diýip tamşanypdyr, oňa ýene birki owurt suw beripdir. Ol «Suw ber!» diýip, çopan bilen çitikleşipdir, ýöne çopan oňa köp suw bermändir. Az wagtdan beýleki çopanlar-da gelipdir. Ara salym berip, ýuwaş-ýuwaşdan suw berip oglany aýaga galdyrypdyrlar. Aman geplemäge ýaransoň bolan wakany çopanlara aýdypdyr. Çopanlar süňkünden başga zat galmadyk eşegiň ýňňyrçagyny, içirgisini özleri bilen äkidipdirler.
Aman baş çopanyň ýanyna barypdyr-da: «Agam, meni ölümden halas etdiňiz, şu günden başlap men siziň sadyk guluňyz, näme hyzmat buýursaňyz, men taýýar» diýipdir.
«Görýän welin, alçak ýigde meňzeýärsiň, çoluga kömekçi bolarsyň, ýa Reb, soňunam görüberdik».
Goýunlary giç öýlän suwa ýakyp, ýoly dowam edipdirler. Üçünji güni çäş galanda bular serhet sakçylaryna gabat gelipdir, ele düşüpdir. Olaryň sürüp barýan goýunlaryny täze gurlan daýhan birleşigine paýlap berip, beledi bendi edipdir, çopanlary öz mekanyna goýberipdirler. Aman ýetim bolansoň, köp soragdan soň daýhan birleşigine berlen goýunlaryň ýanynda kömekçi edip belläpdirler. Aman sorap-idäp görse, bu guýy Hatap etrabynyň guýusymyş. Öňden dört ýüz aşarak goýun-geçisi bar eken. Soňam sekiz ýüz goýun berlensoň, sürini ikä bölüp, Aman bir süriniň çolugy bolupdyr.
Baýyň çopanlary ele düşende Amana öz ýňňyrçagyny beripdirler-de, onuň bilen hoşlaşypdyrlar. Sünbülede (awgust) üstüne köne körpeçe ýapylan öň aýagy agsak, boýy-ebti namazaly ak eşegi getirip: «Aman, saňa at getirdim» diýip, agyzsuw daşaýan Abraý kör hikirdän bolupdyr. Amanam: «Sag boluň, Abraý aga» diýip, minnetdarlyk bildiripdir. Şol ulanylman ýatan ýňňyrçak indi Amana derwaýys gerek bolupdyr. Şol günden başlap Aman eşege serenjam berip, ony tijäpdir.
Bir gün garry çopan eşegiň aýagyny görüpdir-de: «Şuňa iým düşüpdir diýsem, ýeke aýaga däl-de, ikisine-de düşmeli. Meniň bilşimçe, eşegiň aýagy zorugypdyr, şuňa çäge gyzdyryp ýapaly,

hany, kömek edäýedir» diýipdir. Gyzgyn çägäni ýörite bizden tikilen halta salyp, dört-bäş ýola eşegiň aýagyna ýapanlaryndan soň, eşek kem-kemden agsamasyny goýupdyr. Soňy bilen bu eşek atdan kem bolmandyr, görenler oňa hyrydar gözi bilen seredipdir. Garajyklaryň eşeginden galan yňňyrçagam bu eşege kadaja bolupdyr.

Wagt geçdigiçe Aman önüp-ösen ýerini höwes edipdir. Ol çopanlardan Esenmeňlini, Pelwerdi soraýar. Pelwerde çenli eşekli iki günlük ýol bardygyny anyklaýar. Onuň gursagynda garran zadam «Garajyklar Owgana aşdymyka, Wepa aga aman-esen olara suw eltip berdimikä?» diýen soraglar bolupdyr.

Bir gün ol baş çopana ýüzlenip: «Meni öz ilime goýberiň, men soň ýene gelerin» diýipdir. Onda çopan: «Sen entekler giç ýere butnama, sabyr et, müň gaýgy bir iş bitirmez, gaýgy etme, wagty bolanda özüm aýdaryn» diýipdir. Şol wagtlar ele ilse, olary daş ýerlere sürgün edipdirler.

Şol wakalary eşiden Aman: «Öňem men köp selpedim, ýene sähel günä etsem, maňa raý görjek adam ýok» diýip, içini gepledipdir. Etjek işiňi seljerip, kim bilen iş salyşýanyňy saldarlap görmeli, soň şol işiň başyna barmaly diýip, ýüreginiň bir burçuna ýazypdyr.

Bir gün goýunlar suwa inende, guýudan neriň çykaran suwly gowasyny ahyra tarap sowmagyň deregine, sadylla bolup durupdyr. Her yzyna dolanandan suwly gowa bat bilen ýene guýynyň düýbüne badyna ner däbşenekläp, ürç edip ýöreýän ýodasy «peýgä başyny» taşlap, häli saga, häli çepe çykyp, ikibaka çaýkanypdyr. Ner tasdan guýa gaplaşan eken.

Şonda çopan oňa käýýäpdir: «Sen, inim, saňsar bolup durmaňy goý, «Öwlen oglan öňe syçar» etme. Men seni: «Bişirýän çorbasy tagamly, gömmesi mydama bişik, gap-çanagy päkize, çyn alçak oglan» diýip öwsem, sen-ä syçdyň oturyberdiň. Indikide bular ýaly iş gaýtalanmasyn, ýogsa kolhoza bir düýe bermeli bolarsyň. Görýän welin «Ýolda goşulan ýolda galar» diýenleri ýaly, mekanyňa gitjegiň çynyň ýaly. Aňrybaş doglan ýeriňe gitjek bolsaň, men daýhan birleşiginiň arçyny (başlygy) bilen gepleşeýin, saňa rugsat bermegi mümkin. Rugsat berse, öz başyňy özüň çarap bilermiň, taparmyň öz mekanyňy?» diýip

sorapdyr.
Şonda Aman ikirjiňläpdir-de: «Şu eşek janawary berseler-ä taparyn» diýenmiş.
Şondan iki hepde geçip-geçmänkä ýigrimi atly basmaçy Günüň dogşy bilen bularyň üstüne dökülýär. Olary gören çopanlar ürken goýun sürüsi kimin bir ýere toplanypdyr. Gowy ýaraglanan basmaçylardan gorkmazça-da dälmiş. Basmaçylar goýunlary, düýeleri, eşekleri bar paty-putusy bilen Owgan baka sürüpdir. Olar çopanlara azar bermändir. Basmaçylaryň yzyndan ne kowgy barypdyr, ne-de çiştopbular gabat gelipdir. Bäşinji güni irden basmaçylaryň baştutany deşlek, läheň, peşenedar geýnen biri: «Indi bu ýerler Owganystanyň ýeri, araçäkden geçdik, galjak diýseňiz, ýene çopançylyk edersiňiz, ýok, kendime dolanjak diýseňiz, men sizden ömrylla razy. Eşekleriňiz, bir düýe-de siziňki, iýjek-içjegiňizi ýükläň diýipdir.
Onda baş çopan: «Küşdümiziň ýeteninden hyzmat etdik, biz Watana dolansak-da, görgi baryny görkezerler, bendi ederler. Men günüme kaýyl, galyberjek men-ä» diýip, eýleki çopanlara tarap delmirip seredipdir. Soň galanlaram galmaga razy bolupdyr. Murtlak:
«Şu taýda galjagyňyz çyn bolsa, men oňa garşy däl, iş hakyňyzy doly bereris» diýipdir.
Amanam öz içinden: «Meniňem barara gapym, ýykylara çukurym ýok, magşar gününde bu işler babatda meni günäkär edesleri ýok, galmaly bolsa, galdym» diýip, sesini çykarmandyr. Aman soň-soňlar Owganystana düşüşiniň sebäplerini baýyň ýerli çopanlaryndan eşidipdir.
Çekiçli Bekdurdy baý iki sürüsiniň serhet sakçylary tarapyndan ele salnandygyny, sürüleri daýhan birleşiklerine paýlap berendiklerini, beledi bendi edendiklerini daş gulakdan eşidenmiş. Ol sürini yzyna gaýtarmagyň ýollaryny agtaryp, şonuň üçin Garaguma belet birine pul-teňňe berip, öz goýunlaryny-bakylýan guýusyny anyklamaga iberipdir.
Lebaba gaýdan belet alty aý diýende Owgana dolanyp barypdyr. Ol goýunlaryň Ylgynly diýen guýuda bakylýanlygyny, serhet sakçylarynyň bu guýudan näçe menzil daşdadygyny, guýuda näçe adamyň bardygyny, ýaragly-ýaragsyzdygyny, çopanlara agyzsuw

daşaýan düýekeşiň ýekşenbe güni suw getirýändigine çenli anyklapdyr. Bularyň bary eliň aýasynda ýaly bolansoň, Bekdurdy baý dogan-garyndaşlaryny jemläp, eger iki sürini sag-aman getirseler, birini getirenlere paýlap berjekdigi barada wada beripdir.
Baý ýörişe taýýarlanypdyr. Ol ogluna: «Şu derwaýys işi saňa tabşyrjak, goýunlary ýa alyp gelersiň, ýa-da ölüp gelersiň» diýenmiş. Sähetli günleriň birinde ýigrimi atlynyň ok-ýaragyny şaýlap, pata berip, olary Lebaba ugradypdyr. Belet olary sag-aman serhetden geçiripdir. Öňden öwredilişi ýaly, hepdäniň ikinji güni irden gün dogup-dogmanka çopanlaryň üstüne dökülip, olary Owgana baka sürüpdir. Bäşinji güni serhetden geçensoňlar, peşenedar geýnen, sakgal-murty taban bu ýigit baýyň ogly Öwez eken.
Şeýdip Aman baýyň hyzmatynda galypdyr. Bolşewik geleli bäri çar tarapa pytran türkmenler häli-şindi Amana duş gelipdir. Dürli wakalar barada gürrüň beripdirler. Serhet sakçylary bilen atyşyp ölenler, azaşyp, suwsuzlykdan ölenler, alamana duşup, zat-garasyny aldyranlar, dereksiz ýiten bendeler köp bolupdyr. Aman öňki hojaýyny Garajyklar barada gije-gündiz pikir edipdir. Duşan adamyndan şolary sorapdyr, ýöne gördüm-bildim bolmandyr.
Şol arada ýyl ýarym dagy geçipdir. Aman çoluklykdan baş çopan bolup ýetişipdir. Ol baýyň bir sürüsini ekiziň birine bakmaga wadalaşypdyr. Gije-gündiz goýunlary semiz saklamagyň aladasyny edipdir. Ikinji ýyl gurakçylyk gelipdir, saman az bolupdyr. «Islesem, ýalkaryn, islesem, gargaryn» diýenleri ýaly, Hudaýtagala-da bu ýyl Amana girdeji bermändir. «Durna, durnanyň üstüne urna» diýişleri ýaly, şol ýyl gyşam gaty gelipdir.
Samanyň azgydyna görä, ytygsan janawarlar her sellemden tumşugyny ýokary tutup, bir gowy ysa garaşýan ýaly dem alypdyr.
Ýörände tapdan gaçanlary entireşip, aýaklaryny süýräp alypdyr. Içiňden geçip, kesip barýan sowuk ýel hem onuň üsdegi bolupdyr.
Näme-de bolsa, Aman goýunlary gara çöpüň bol ýerine sürüp,

gije-gündiz belli ýatmandyr. «Daýhan garda dynar, çopan görde» diýenleri. Amana dynow bolmandyr, ol goýunlary gyşdan alyp çykmak üçin bar güýjüni gaýgyrmandyr. Çopan näçe zähmet çekse-de, iki ýüzden gowrak goýun çykdajy bolupdyr.

Hut aýynyň ortasyndan aganda howa gowulaşypdyr, ýazyň ysy gelip ugrapdyr. Ýer ala garmyş, Aman ýaňyja goýunlary tegene gapanda, birden itler üýrüp ylgaşypdyr. Çoluk ör turup, itleriň giden tarapyna seretse, olar iki eşeklini gününe goýman alyna dolap durmuş. Çoluk itleri kowup, olary garşy alypdyr, eşeklerini daňyp, myhmanlary merthana eltipdir. Aman olara oduň başyndan ýer görkezipdir. Salam-alik alşanlaryndan soň gaýnap duran taňkalara gök çaý atyp, birini myhmanlara, ikinjisini Amanyň öňüne süýşüripdir. Şondan soň çoluk haýda-hasyr gömmesini ojakdan çykarypdyr, ony gapagyň üstünde goýup, çägelerini, külüni üňäp, esgi bilen süpüripdir. Soň ony ikä kesipdir, bir bölegini myhmanlara, ikinjisini Amanyň öňünde goýupdyr. Birki käse çaý içenlerinden soň iki sany agaç çanakda gaýnatma çorba getiripdir. Ýeke çemçe bolansoň, olar çorbany atyşyp içipdirler. Şonda çoluk: «Geçen aýda baý agamyz tabaktaraşa çanak, çemçe, susak ýasadypdyr, ýöne şondan bize iki çemçe ýetdi, ikem çanak» diýdi. Myhmanlaryň Almaz diýeni: «Bolmana çanaklar-a täze ekeni» diýipdir.

Çaý-nahardan soň myhmanlar özleriniň bu taýlara gelşiniň sebäbini beýan edipdirler. Olar iki hepde bäri ýitig agtarýandyklaryny aýdypdyrlar. Şu taýdan iki salkyn aralykda Garaguýy diýen ýerde goýun bakýan çopanlardygyny aýdyp: «Şundan iki hepde öň, gar entek eremänkä bölünen goýunlarymyzy «Uly gyr» diýen ýere çenli yzarladyk. Şol ýerden başlap, yzy-tozy ýitdi, barmadyk çopan goşumyz ýok, goýunlardan entek derek tapmadyk» diýip, nalynypdyrlar. Amanyň sürisini gözden geçirip, bölünen goýunlarynyň bu sürüde ýoklugyny anyklapdyrlar.

Olar gije şu goşda ýatyp, irden bolsa çaýlap, ýola düşüpdirler. Eşeklenen çopanlaryň Almaz diýeni: «Inim, Aman, bardy-geldi ýoluň düşüp, biz tarapa dagy aralaşsaň, Garaguýa darap geç, hyzmatyňa minnetdar. Meniň ýörgünli adym Almaz dyzman, Garajyklaryň bölünen sürisiniň baş çopany, hoş wagtyň,

inim» diýip, eşegiň bykynyna depipdir. Şol wagt Aman ýaňky Almaz dyzmany gujaklap eşekden düşüripdir. Ol «Näme diýdiň, agam, Garajyklar diýdiňmi, olar Gülegenjäniň Garajyklarymy, nirede ýaşaýarlar?» diýip, zar-zar aglap, sorag üstüne sorag ýagdyrypdyr.
Almaz aga-da bu ýerde bir gepiň bardygyny aňypdyr. Soň ol: «Inim Aman, näme boldy?» diýip, Amanyň soraglaryna jogap gaýtarypdyr: «Garajyklar Şybyrganyň Şoraryk diýen gyşlagynda ýaşaýar. Olar öz gazan guýusyna «Garajaguýy» diýip at goýdular. Häzir şol guýuda üç bölek goýun bakylýar. Olar diýseň baý, Şorarykda ep-esli ýeri, howlusy, işiginde birnäçe hyzmatkäri bar diýip, baş çopan gürrüň beripdir. Aman özi barada kelam agyz sözlemän: «Men Garajyklaryň ýetimidim, soňky ýyllarda olardan aýra düşdüm. Men hökman olara bararyn, bolan wakalary gürrüň bererin» diýip, çopanlary ugradypdyr. Şol günden başlap Aman Garajyklara gitmek barada ýol gözläp başlapdyr.
Hamalda «Bir gytçylygyň bir bolçulygy» diýişleri ýaly, otlar dyza çykypdyr, ytygsan goýunlar gökden alnyp, daýawlaşypdyr. Sowur aýynyň başy bilen döl düşüp, owlak-guzularyň mäleşýän sesi töweregi ýaňlandyrypdyr. Dölüň düşmegi çopandyr çoluklaryň el-aýagyny iş bilen duşapdyr. Aman bar zady unudyp, diňe döli ýitgisiz almaga yşnak darapdyr. Sebäbi onuň sürüsi näçe ekiz, üçem dogsa, onuň peýdasyna boljakmyş. Şol haý-haýly günleriň birinde baýyň ogly Öwez iki sany kömekçisi bilen peýda bolupdyr.
Köne ýylda samanyň ýetmezçiligi goýunlaryň ekiz, üçem dogmagyna päsgel beripdir. Köplenç goýunlar ýalky dogupdyr. Ol bolsa Amanyň ýylajy galmagyna getiripdir. Baýyň ogly Öwez dört ýüz guzyny baganalyk üçin soýupdyr. Şol ýyllar Owganda gara bagana bolan isleg artypdyr, baýlar köp guzy soýupdyrlar. Baý ogly Öwez erte ýola düşjek diýen güni ikindinler uzakdan üç atlynyň gelýändigini itler üýrüp habar beripdir.
Öwez horjundan dürbüsini alyp, gelýänleri synlapdyr. Gowy synlasa, olar alamana meňzeşmiş, üçisi-de ýaraglymyş. Öwez derrew ýanyndakylara ýaraglaryny oklap, häzir bolmagy tabşyrypdyr. Olar ýakyn geldigiçe itler üýrüşip, atlylaryň

öňüni kesip, ýöremäge goýmandyr. Birden gümpüldäp çykan tüpeň sesi itleriň birini ýumalapdyr. It janawar bir çyňsapdyr-da, serrelip ýatypdyr. Rejäniň geň däldigini aňan Öwez onbirataryň mäşesini gysanda, atlylaryň biri «oh» diýip, atdan agypdyr. Aljyran atlylar atlaryny yza aýlamaga ýetişmänkä bir atly aty-ýaragy bilen tüwdürilip gidipdir, üçünji atlynam biri çüýläpdir. Bular ylgaşyp barsalar, atynyň astynda galan garakçy üzeňňiden aýagyny alyp bilmän, dyrjaşyp, garabaşyna gaýmyş. Çopanlar ony atdan boşadyp alýança Öwez eýleki ikisini barlapdyr, görse, olar ýagty jahan bilen hoşlaşan ekenler. Abat galan alamanyň elini-aýagyny daňyp, olaryň at-ýaragyny alyp, goşa getiripdirler. El-aýagy daňylan alamany daşarda goýan Öwez başlyklaýyn maslahat geçiripdir. Maslahatda köpi gören çopanlaryň biri: «Bu alamanlar owgan däl, olar kürtler, egin-eşigi, gepleýşi-de owgana meňzemeýär. Iň gowusy, olardan ymykly dynandan gowusy ýok. Biz uklap ýatan äpet mahlugy oýardyk, kürtler bularyň biz tarapdan öldürilendigini bilse, bize gün bermez, olardan gorkmadygyň imany ýok» diýenmiş. Ol: «Eger ony goýbersek, olar hun almaga geler. Şonuň üçin hemmesini bir çukura gaplap, atlaryň ikisini ýalaňaçlap, kowsak neneň görýärsiňiz? Ok degen atyň maňlaýyna bir okberip, ony-da gömmeli» diýipdir.

Birsellem dymyşlyk dowam edipdir. Soň çopanlaryň ikinjisi: «Atlary goýbersek, olar eýesiniňkä barar, olaram gaýdanlary derňäp, ýene bäri gelmekleri mümkin. Hudaý geçirsin diýip, atlary-da ýere dikligine gömeli, soň wessalam, «Guş gelse, ganatyndan, gulan gelse, toýnagyndan aýrylar diýen ýerem bar. Goý, olar ganatyndan, toýnagyndan aýrylsyn, soňkylara pent bolar» diýenmiş. Oturanlar çopanyň diýenlerini makullapdyr.

Öwez oturanlara: «Ak düýäni gördüňmi, ýok», agzyň mumlanan ýaly bolmaly» diýip, tabşyrypdyr.

Şondan soň bir çukura tüýkürişip, alamanlaryň üçünjisini, atlaryň baryny atypdyrlar. Soň olar üçin gör gazyp, ölenleri musulmanyň däp-dessury boýunça jaýlapdyrlar, aýat okapdyrlar. Ölen atlary, iti, eýerleri adam boýy çukur gazyp, gömüpdirler. Diňe bir goşa, iki sany bäşatary Öwez özi bilen alyp gidipdir.

Şol sapar Aman hojaýyndan on-on bäş gün dem bermegini

sorapdyr. Hojaýyn tizden çopan iberjekdigine söz beripdir. Baý ogly gidensoň, çopanlar bolan işden heder edip, gije-gündiz gözegçilik etmegi unutmandyrlar. Garry çopan mydama: «Oglanlar, hemişe zora-zor bar, ejize ejiz ýok, ýaragyňyzy ýanyňyzdan goýmaň, kürtleriň ýitigini derekläp gelmegi mümkin» diýipdir. «Şürä çenli alaman azar bermedi, sebäbi Owganyň kada-kanuny alaman ele düşse, diňe ölüm jezasy bilen kesgitlenýär. Öňlerem olaryň negada biri ölümden sypmasa, aglabasy diňe ölüm bilen gutarýardy».

Men bir bolan wakanyň şaýady, Bekewülleriň gyşlagynda çekene bakýan çopany iki sany owgan öldüripdir, mallaryny süren ekeni. Ana, şolar ele düşensoň, owgan polisiýasy ýaňky ikisini Bekewül gyşlagyndan getirdi. Köpçüligi ýygnap, şolaryň birine (çopany öldürene) ölüm jezasy berlen ekeni. Soň ýaňky poliseý: «Öleniň garyndaş kowmy bar bolsa, hun almaga gelsin» diýip gygyrdy.

Halaýykdan ses çykmady, sebäbi öldürileniň ol diýen dogan-garyndaşy ýok eken. Birsellem dym-dyrslyk boldy. Birden: «Men bar» diýip, bir zenan bilini guşap, orta çykdy. Köpçülik haýran galmakdan ýaňa, agyzlaryny açyşyp, zenana seretdiler. Ölüme buýrulan ýigit ortada el-aýagy saralgy ýatyr. Poliseýiň biri gez boýly pyçagy zenanyň eline berdi. Şol wagt ortada ýatan owgan ýigdi parsylap bir zatlar diýip, zenana ýalbardy, zar aglady. Ýöne zenan oňa seretmedi. Ol berk ädimläp bardy-da: «Sypatyňa nälet» diýäge-de, kelläni sypyrdy. Gan çüwdürim bolup atyldy. Haýranlar galmaly, ne ol zenanyň eli titredi, ne-de aýagy. Ol pyçagy öleniň üstüne taşlady-da: «Indikide bigünä adamlary öldürmezlige pent bolar» diýdi. Soň eşidip otursam, ýaňky zenan öldürilen çekene çopanyň keýwanysy ekeni.

Owganda günäni boýnuňa goýsa, jeza bermek aňsat eken. Soň-soňlar şol gyşlagda bu zenanyň ady Gurbanaý däl-de, Eýmençaý boldy. Hemmeler oňa sarpa goýdy, garaz, bitmedigini bitirdiler, ýetmedigini ýetirdiler, ähli gyşlag ony goldady diýip, garry çopan sözüni tamamlady.

Ýadyňyzda bolsa «Oguldurdyny on sany Rahman ümsüme çalşyp bolmaz» diýip, biriňiz gürrüň beripdiňiz.

«Hawa, heleýde heleý bar, olaryň birnäçesini men diýen erkege

çalşyp bolmaz» diýip, Öwezgeldi aga dillendi.
«Ertesi gün ikitel bolanda daşdan ýene iki sany atly görnüpdir. Itler üýrüp olary garşylanda, goşda galan çolukdyr çopanlar ýaraglanyp, häzir bolupdyrlar. Görseler, bu atlylar türkmenmiş. Soň çoluklaryň biri itleri kowup, olaryň habaryny alsa, sypaýy geýnen biri Garajyklaryň diwanbegisi eken. Ol ýörite Amany derekläp gelipdir. Salam-alik alşylansoň olary çatma eltip, çaý-çörek, gowurma bilen naharlapdyrlar.
Çaýdan soň diwanbegi Amany sorapdyr, şonda çoluk: «Şu günler möjeklerden ätiýaç edip, goýunlary gündiz bakýorys, Amanam hä diýmäne geler, ýadansyňyz, bir salym dynç alyň. Atlary suwlap, iýmläp, özüm esewan bolaryn» diýipdir.
Garaňky aralaşanda şu guýudan suw içýän sürüler çar tarapdan suwa inip ugrapdyr. Goýunlary tegene (agyl) gabansoň Aman çatma girse, iki sany nätanyş adam barmyş. Aman olar bilen salamlaşyp, saglyk-esenlik soraşandan soň, çoluk çaý getiripdir. Çaýdan soň bir kersen çopan garmasyny getiripdir. Nahardan soň omyn edip, aýat okapdyrlar. Şondan soň diwanbegi Amana tanyşlyk beripdir. Ol özüniň Garajyklaryň diwanbegisidigini, ýörite çagyrmaga gelendigini mälim edipdir. Amanam kömekçi çopana garaşýandygyny, gelse, goýunlary sanap, oňa tabşyrjakdygyny, özüniň Garajyklara gitmäge çyn gyssanýandygyny diwanbegä aýdypdyr. Garaz, Aman barmaly gyşlagyny salgy alypdyr.
Ertesi irki namazdan soň myhmanlary Garajyklara salam gönderip ýola ugradypdyr. Iki gün geçende kömekçi çopan gelipdir. Aman goýunlary sanap, çopana tabşyransoň, eşeklenipdir-de, niredesiň Bekewül gyşlagy diýip, ýola ugrapdyr. Barsa Bekdurdy baý howlusynda ekeni. Aman bir gije baýyňkyda ýatypdyr. Ertesi ondan pul-teňňe alypdyr. Soňra ol Şorarygy salgy alyp, ýoly dowam edipdir. Ikinji güni günortanlar şol gyşlaga barypdyr.
Sorap-idäp, Garajyklaryň howlusyny tapypdyr. Barsa, Garajyklaryň mal-garasyna seredýän dogany Gurbanguly aga-da öýündemiş. Ol Amany görenden doganyny gören dek gujaklapdyr. Bular bir-birine duşanlaryna şatlanypdyrlar. Saçak başynda Aman: «Agam, biler bolsaň, goýunlaryň gyltyma kowalaşyp, öz sürüsinden bölünip gidişi ýaly, menem Wepa diýen imansyzyň

yzyna düşüp, sizlerden aýryldym, köp hunabalar ýuwutdym. Hullasy, görmedigim görde diýsem, ýalan bolmaz. Biribaryň özi goldady, ölmän galdym. «Bendäm bendäme sebäp» diýişleri ýaly, göçüp barýan çopanlar ölmän galmagyma sebäp boldy. Olaryň egseri soň çiştopbularyň eline düşüp, bendi boldy, maňa Alla janyň özi seretdi. Agam, men köp tazykdym, ahyr sizlere duşjagym bar eken» diýip, haşlap dem alypdyr.

Soň hojaýyn Amana ýüzlenipdir: «Aman, sen inim, başdan geçirenleriňi birlaý gürrüň ber» diýipdir.

Şondan soň Aman gören azabyny jikme-jik Gurbanguly aga gürrüň beripdir. Amanyň beren gürrüňini siz öň okadyňyz. Aman gürrüňini gutaransoň «Siziň maşgalaňyzyň suwsuz gyrylmagyna kim günäkär, Gurbanguly aga?» diýip sorapdyr.

«Biziň maşgalamyzyň binobat ölmesine binikadan bolan Wepa sebäp, inim» diýip, gözüne ýaş aýlapdyr. «Agam dagy geler wagtda gara bermänden soň, bir bolmaz işiň bolandygyny süňňüm syzdy. Eýgilik bolaýadyr diýip, Hudaýa sygyndym. Iş hetdinden aşan eken, soň sygyndyň näme, sygynmadyň näme, barysy bir apbasy. Wepa gotur enjimet uly baýlyk toplaryn diýen niýet bilen, Hudaýdan gorkman, bimöwrit şol işi edipdir. Şonça adam, mal-haly öldürip alan pul-teňňesi derege geçer ýaly bolmandyr. Az-maz baryndan alanlaryny belli wagt geçmänkä tirýekden geçiripdir. Biz mallarymyzy bäri sürende pul teňňäniň esasy bölegini özümiz bilen alyp gaýtdyk. Şaý-sepleri agam täzeden eredip, biziň bilen berip goýberdi. Galan tylladyr kümüşi agam, megerem, howudyň bir ýerine ýerleşdirendir. Bilişime görä, Wepa gotura hopbagam galan däldir, soň ony özi-de tassyklady» .

— Gurbanguly aga, Wepa goturyň soňky başyndan geçiren wakalary näme bilen gutardy?

— Wepa barada aýtsam, biz ondan hun algymyzy aldyk. «Arym köýenden, imanym köýsün» diýipdirler. Biziň maşgalamyzy suwsuzlykdan öldüren bolsa, onuň özi-de «Suw-suw» diýip jan berdi» diýipdir.

Ertesi Amanyň münüp gelen eşeginiň gaňňasyna gözi düşen Gurbanguly saklanypdyr-da, oňa syn edipdir. Ol öz agasynyň ýasan gaňňasyny tanapdyr-da: «Aman, sen bu gaňňany nirden

aldyň?» diýip sorapdyr.
– Agam, bu gaňňanyň görmedigi görde, men gürrüň beremde aýtdym ahyry, munuň siziň eşegiňiziň gaňňasydygyny.
– Onda men üns bermändirin, şol wagt göz öňüne başga bir zatlar gelendir.
Birden Gurbanguly «Döwran» diýip gygyrypdyr. Döwran diýen hyzmatkär şol wagt häzir bolupdyr. Gurbanguly oňa: «Sen Amanyň münüp gelen eşeginiň gaňňasyny palanlary bilen tama elt» diýipdir. Aman haýran galmak bilen Gurbanguly agasyna seredipdir. Gurbanguly aga Döwranyň getiren gaňňasynyň palanlaryny pyçagy bilen kesip, gaňňadan aýrypdyr. Soň palanlary kesişdirip başlapdyr, bir gat keçäni aýrandan soň, onuň aşagyndan gara mata hatar edilip syralan bir zady çykarypdyr. Ikinji hatary-da edil öňki ýaly kesip, ondan-da syralan mata bölegini alypdyr. Soň olary kesişdirip, ikisinden bir okara tylla alypdyr.
Ol: «Gör, Aman, gara deriň bilen gazanan tylla-teňňäň Wepa ýaly haýyna nesip etjek däl eken, hiç wagt etmezem» diýipdir. Aman bolsa oturan ýerinde bu bolan täzeliklere gara daş bolup doňup galypdyr. Ol öz içinden: «Gerekli daşyň agramy ýok» diýenleri. Men bu gaňňany nirelerden aýlap getirdim» diýip oýlanypdyr. Romanlar